# Kerwen ýolunda argyş ýükleri

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kerwen ýolunda argyş ýükleri KERWEN ÝOLUNDA ARGYŞ ÝÜKLERI




Kerwene laýyk ýük urmak, uzak ýola gidilende, esasy aladalaryň biri bolupdyr. Munuň üçin howut – ýük urmak üçin ýörite ýasalan hataply enjam berkden gaýym bolmaly.
Howudy iki ýüp – çemmer bilen guşgun saklapdyr. Çemmer – düýäň garnynyň, guşgun bolsa guýrugynyň aşagyndan berkidilip daňlypdyr.
Ýöne ýüküň berkligi, esasan, ýüpleriň, ýagny baglaryň daňlyşyna bagly bolupdyr. Şonuň üçin ýük urlanda ýüp gyýak daňlyşy, gonnybag, igbagy görnüşinde daňlypdyr.
Gyýak daňlyşy bilen daňylanda ýüp çigişdirilýär. Gonnybag bolsa, köplenç, onuň üstünden daňylýar. Şeýle ýagdaýda gülebent – mata-marlyk gymyldamaýar.
Ýük igbagy görnüşinde daňyljak bolsa, ýüpi goşalandyryp, içinden alyp çekmek arkaly berkidilipdir.
▶ SÜÝJI SUWLY ÝERI TAPMAK

Kerwen ýolunyň aladasy özüne ýetikdir, uzak ýola äkidilýän harytlardan başga-da, azyk-owkat, içimlik suw, düşek-dolak, mahlasy, üpjüniňi gurat etmeli. Bu zatlar taýýar edilensoň,

bir ugra düzülen kerwen hatary uzak ýoly külterläp ugrar. Argyş ýoly пdamlardan ykjamdan erjelligi talap eder.
Käte argyşa gidilende jöwzaly günler köp bolup, suw ýetmezçiliginiň ýüze çykýan gezekleri-de bolupdyr. Ugur-ýol bilýän kerwenbaşy bu ýagdaýyňam çykalgasyny tapypdyr. Eger ol ýakyn alkymda çopan goşy ýa-da başga bir suwa hemaýat etjek düşelge bolmasa, ençeme gün suw bermän saklan düýeleriniň biriniň ýüpüni hatardan ýazdyrar-da, ony peýwagtyna goýberer eken. Duýgurdan halatly düýe janawaram patanaklap ara açyp gidişine, nirede süýji suw bar bolsa, şol ýere baryp çöker eken. Onsoň sähel güýç sarp etseň, mallary gandyrar ýaly suw çykypdyr. Bu ýagdaý aňňat-aňňat gum depeli Garagumuň döşüniň herhalda suwludygyndan habar berýär.

▶ JEZBER

Synlap görseňiz uly hatardaky kerwenbaşynyň bil guşagyna ujy ildirilgi çüňklüje bir zada gözüňiz düşer. Ol – keýik owlagynyň ýarym garyş çemesindäki şah ujudyr. Oňa jezber diýilýär. Onuň ujy diýseň çüňkli, özi-de juda berk bolýar.
Argyşa gidilende kähalatda ýolda-ýolumda ýagyş-ýagmyryň kän ýagyp, käte ýüpüň öl bolup çözülmesi kyn bolýan mahallaram bolupdyr. Şonda bekden-bek gatan düwünler barmak bilen çözülmese, ujy çişli jezberiň kömegi bilen çözülipdir.

▶ HAMMANÇA

Argyş ýoly baldyra agram berip, bile syrdamlyk salsa-da, özboluşly gyzyklylygy özünde jemläpdir. Bu, esasan-da, tebigat täsinlikleri bilen bagly bolupdyr. Çöl daragtlarynyň pür-pudak ýaýradyp ösüp oturyşy, guşlaryň owazy, gum içiniň mör-möjekleriniň geň-enaýy hereketlerine şaýat bolup gitmek uly ýola werziş bolýan kerwençilerde ýakymly täsirleri goýupdyr.
Käte uzak ýola gidiljek mahaly kerwene mergenleriňem göwünjeň goşulýan gezekleri bolupdyr. Şonda hemme zady üns merkezinde saklaýan kerwenbaşy mergene: «Hammançaňy at eýeriňe bagladyňmy?» diýip sorar ekeni.
Hammança – ýörite towşan salynýan torba. Oňa «Pygamber

torbasy-da» diýlipdir. Uzak ýolda aw alkyma gelip, ganly bolsa awçylar hammançany towşandan doldurýar ekenler. Ýöne oňa ýedi towşandan köp salmazlyk parz edilipdir.

▶ ÝYLDYZLAR

Kerwençileriň arasynda: «Gündizki ýol – gol, gijeki ýol – hal» diýen gürrüň bardyr. Munuň özi gündizki ýoluň görer göze ymgyr uzakdygyny, göz baglanansoň bolsa gijeki ýoluň elhaldygyny aňladypdyr.
Argyşçy gijesine ýol ýörände ýyldyzlardan ugur almaly bolupdyr. Asman hadysalaryndan ýeterlik baş çykarýan ata-babalarymyzyň bu babatdaky garaýyşlary esasynda dürli setirler emele gelipdir. Ol setirlerde kerweniň ýyldyzlara görä etmeli hereket ugry beýan edilipdir.

Daň ýyldyzy gözüň açsyn,
Ülker ýola nurun saçsyn,
Aralyga daşdan gara,
Üçýyldyza tarap ýöre,
Ýaldyraga kebzäň sowat,
Ekizowlak getir döwlet,
Kerwengyran, sowulyp geç,
Akmaýada ýazdyrgyn göç,
Ömrüzaýa belgi bolsun,
Zöhre ýyldyz çelgi bolsun,
Ýol äkitsin, ýol getirsin,
Maksat-myrada ýetirsin!

▶ GAÝDYP GELIŞ

Uzak ýoly söküp, ýükli kerweniň baş-esen, bagry bitin gaýdyp gelşi her bir obada uly şowhun döredipdir. Onuň bilen baglanyşykly halk arasynda dürli yrymlar bolupdyr. Aýdalyň, kerweniň gelşini ilki bolup boý gyz görüp, töweregindäkilere buşlasa, onuň basym bagt bijesiniň çykjagy – kejebä münjegi.
Kerwen hataryny ilki bolup çaga görse, onuň Güne solmaz kamys matadan ezýaka köýnek geýjegi. Eger ony gerçek goç ýigit görse

– Oguz ilinde hemişe ýagşy zady ata ýanaýarlar – ak ata atlanjagy.
Bu ynanç-ygtykatlar türkmen durmuşyna ornaşyp, adamlaryň ýaşaýşa bolan höwesini artdyrypdyr.

Atamyrat ŞAGULYÝEW,
mirasgär. Halk döredijiligi we rowaýatlar